# «Soňky imperator»: Fýodor Ýemelýanenko

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Soňky imperator»: Fýodor Ýemelýanenko «SOŇKY IMPERATOR»: FÝODOR ÝEMELÝANENKO




*Häzirki zaman MMA äleminde köp janköýerlere Habyp Nurmagomedowyñ hem-de Konor Makgregoryň ady gyzykly. Ýöne, şeýle bir pälwan bar, onuň eden işiniň häzirki döwürde hiç kim hötdesinden gelip bilenok. XXI asyryň ilkinji on ýyllygynyň iň güýçli urşujysy, 2003-2010-njy ýyllaryň dowamynda MMA äleminde iň meşhur sportçy. «ESPN», «Sherdog», «Full Contact Fighter», «MMA Weekly», «Nokaut» kompaniýalary tarapyndan iň güýçli garyşyk söweş ussady diýip yglan edilen. Şol döwür aralygynda agramyna seretmezden birinji belgili sportçy, «Soňky imperator» – Fýodor Ýemelýanenko.*

- **Ýaşlygy, sporta gyzyklanmagy, karýerasynyň başlanmagy**

Fýodor 1976-njy ýylyñ 28-nji sentýabr güni Ukrainada Wladimir Aleksandrowiçiň maşgalasynda eneden dogulýar. Fýodor on

ýaşynda sambo we dzýudo bilen meşgullanyp başlaýar. Sporta juda üns berenliginden gijesi bilen zalda galyp gidýärdi. Birnäçe ýyldan soň Wladimir Woronowyň ýolbaşçylygyndaky sport klubyna agza boldy. Ýaşlygyndan sporta baryny berip,doly güýjünde türgenleşdi. Munuň netijesinde,ýigrimi bir ýaşynda sambo boýunça Kurskide geçirilen turnirden soň «Russiýanyñ sport ussady» diýen derejäni aldy. Bir ýyldan soň bolsa Halkara derejesindäki sport ussady diýen derejä eýe boldy. 1999 ýylda Rossiýa sambo milli ýygyndysyna çagyryldy we milli ýygyndysy bilen Ýewropanyñ çempionlygyny gazandy. 2000-nji ýyldan boks bilen çynlakaý meşgullanyp başlady. Şeýdip Ýemelýanenko assa-ýuwaşdan MMA geldi.

- **RINGS**

Ýaponiýanyň «RINGS» kompaniýasy Fýodor bilen şertnama baglaşan ilkinji MMA guramasy hasaplanýar. «RINGS» baýragynyň astynda russiýaly pälwan on bir gezek oktagona çykyp, Rikardu Arona we Renatu «Babalu» Sobral ýaly güýçli sportçulary ýeňmegi başardy. Iki gezek agyr agram çempionlugyny gazandy. MMA daky ilkinji ýeňlişini hem «RINGS»daky söweşinde- ýaponiýaly Suýosi Kosakiden kabul edip aldy.

- **Pride**

«Soñky imperator» «RINGS»-da çempion bolandan soň «Pride» bilen şertnama baglaşdy. «Pride» şol döwürdäki iň güýçli gurama hasaplanýardy. Fýodor 2002 ýylyň 23 iýunynda debýut(ilkinji) söweşinde özünden 30 sm uzyn bolan Semmi Shilti ynamly ýeňlişe sezewar etdi. Ikinji söweşinde Amerikaly Hit Herringe garşy oktagona çykdy. Bu söweş faworiti Hit hasaplanan bolsada Fýodor güýçli garşydaşyny birinji raundda tehnik nakaut bilen ýeňdi. Bu ýeňşi üçin «Pride» çempiony braziliýaly Antoniu Rodrigu Nogeýra bilen söweşmek mümkinçiligini gazandy. Nogeýro Ýemelýanenko bilen söweşe çenli yzly-yzyna üç söweşinde ýeňiş gazanypdy. Muňa seretmezden Ýemelýanenko öz söýgüli usuly «граунд-энд-паунд» bilen garşydaşyna güýçli urgular geçirdi. Söweşden soň eminler

bir agyzdan Rossiýaly urşujyň ýeňşini yglan etdiler. Şeýdip, «Soňky imperator» «Pride» çempiony boldy. 2003 ýylda Fýodor ýene üç gezek oktagona çykdy we hemmesinde ýeňiş gazandy. «Pride Heavyweight Grand Prix 2004» turniride öňki UFC söweşijisi «Pride Grand Prix 2000» çempiony Mark Koulmen söweşdi. Bu söweşde hem garşydaşyny ýeňdi. Bu söweşden soň, 2004-2005-nji ýylda jemi ýedi gezek oktagona çykdy we hemmesinde garşydaşlarny «mynjyratdy». 2005-nji ýylyň 31-nji dekabrynda «Pride» taryhyna giren söweş boldy. Sebäbi,şu güni Fýodor «Pride» taryhyndaky iň tiz nokauty öz adyna ýazdyrdy. «Imperatora» braziliýaly Zuluzinýuny ýeňmek üçin bary-ýogy 26 sekunt gerek boldy. Fýodor garşydaşlaryny yzly-yzyna ýeňmegi dowam etdi,ýöne garaşylmadyk ýagdaýda 2006-njt ýylda «Pride» bankrot boldy. Şeýdip Fýodor, täze promouşen «BodogFight» bilen şertnama baglaşdy.

- **BodogFight**

Ýemelýanenko bu promouşen bilen şertnama baglaşmazdan öň bir şert goýýar. Şerte görä, Ýemelýanenkonyň ähli söweşleri Rossiýaň serhedinden daşa çykmaly däldi. «BodogFight»-däki ilkinji söweşi grek-rim göreşi boýunça Olimpiýa çempiony amerikaly Mett Lindland bilen boldy. Bu tutluşygy «milletler söweşi» diýip atlandyrypdylar şol wagtlar. Tutluşyk 2007-nji ýyl 14 aprelinde Sank-Peterburg şäherinde geçirildi. Tutluşyga tomaşa etmek üçin Wladimir Putin, Silwio Berluskoni, Wan Damm ýaly meşhur adamlar hem gelipdiler. Tutluşygyň ilkinji sekuntlaryndan Fýodor üstünligi ele aldy we tutluşyk başlanandan 2 minut 58 sekuntdan soň bogmak emeli bilen garşydaşyndan üstün çykdy.

- **Soňraky tutluşuklary**

Ýemelýanenko 2007-nji ýyl 31-nji dekabrynda koreýaly gigant Çhwe Hon Mana (boýy 203 sm, agramy 160 kg) garşy oktagona çykdy. Tutluşyk «Yarennoka» promouşeni tarapyndan gurnaldy. Şol wagtlar koreýaly pälwan kikboksçy hökmünde meşhurdy.

Russiýaly türgen beýleki garşydaşlarynda bolşy ýaly söweşiň dowamynda doly üstünlige eýe boldy we özüniň bogmak emelini ulanyp garşydaşyny ýene bir gezek ýeňmegi başarýar. 2008 ýylyň aprelinde Fýodor «Affliction Entertainment» bilen şertnama baglaşýar. Onuň bu kompaniýadaky debýut tutluşygy öňki UFC çempiýony Tim Silwiýa bilen bolýar. Gyzykly ýeri, «Soňky imperatoryñ» garşydaşlary hemişe boý we agram taraplaýyn ondan ep-esli tapawutly bolupdylar. Tim hem şeýledi, boýunyň uzynlygy 203 sm, agramy bolsa 118 kilogramdy. Ýöne, Fýodora garşydaşyny ýeňmek üçin bary-ýogy 36 sekunt ýeterlik boldy. Timiň üstünden gazanylan ýeňiş oňa «World Alliance of Mixed Martial Arts» (WAMMA) çempiýonlyk kemerini alyp berdi. Çempiýonlyk kemerini iki gezek üstünlükli gorady.

## Ýeňişli tapgyrlaryň soňlanmagy

«Soňky imperatoryñ» ýigirmi ýedi tutluşykdan ybarat ýeňişli seriýasyny braziliýaly jiu-jitsu ussady Fabrisiu Werdum togtatdy. Tutluşykdan öň braziliýalyň ýeňiş gazanmak mümkinçiligi ýok diýip hasaplanypdy, emma bularyň barysynyň ýönekeýje takmyndygyny Fabrisiu subut etmegi başardy. Söweşiň başynda Fýodor garşydaşyny birnäçe gezek kyn ýagdaýa saldy, ony partere hem ýatyrdy. Emma garaşylmadyk ýagdaýda russiýaly türgen elini garşydaşyna berip goýdy. Netijede raundyň 1:09 minudy dowam edip durka Fýodor «boýun egmäge» mejbur boldy. Bu onuň karýerasyndaky ikinji ýeňlişidi. Ýeňenligne seretmezden Werdum garşydaşyny dünýäniň iň gowy pälwany hökmünde görýändigini we onuň janköýeridigini ýene bir gezek belledi.

## • Moskwadaky debýut tutluşyk

Yzly-yzyna üç tutluşykda ýeňilenden soň Fýodor 2011-nji ýylyň 20-nji noýabrynda iki gezek ADCC çempiýony Jeffri Monsona garşy oktagona çykdy. Tutluşyk Moskwa şäherinde boldy. Bu Ýemelýanenko üçin Moskwadaky ilkinji tutluşykdy. Tutluşyk deňlik ýagdaýynda geçdi we eminler ýeňşi Fýodora berdiler.

## • Gitmek we ýene gelmek

Pedro Rizzoň üstünden gazanylan ýeňişden soň«Soňky imperator» MMA-da karýerasyny soňlaýandygyny yglan etdi. Fýodor: «Meniň pikirimçe soňlamagyň wagty geldi. Men gidýärin. Gitmegime sebäp maşgalam. Gyzym mensiz ulalyp barýar, olara köpräk wagt aýyrmagym gerek. Şol sebäpli gitmeli wagtym geldi» diýdi. Ýemelýanenkonuň oktagona dolanmagy üçin üç ýyl wagt gerek boldy. 2015-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda «RIZIN» bilen şertnama baglaşdy. Onuň dolanandan soňky debýut garşydaşy Jaýpin Singh boldy we söweşiň birinji raundynda tehnik nokaut bilen garşydaşyny ýeňmegi başardy.

- **“Bellator”-daky karýerasy**

2017-nji ýylda Ýemelýanenko «Bellator» bilen şertnama baglaşdy. Ýöne, onuň bu promouşendäki karýerasy şowsuz başlady. 24-nji iýunda öňki UFC pälwany Mett Mitriona garşy söweş alyp bardy. Söweş gyzykly geçdi. Iki pälwan hem bir wagtyň özünde biri-birine güýçli urgular berdiler we ikisi hem nokdaun ýagdaýyna düşüp galdylar. Mett tizräk özüne gelmegi başardy we garşydaşyna güýçli urgylar bermegi dowam etdi. Munuň netijesinde emin söweşi togtatmaga mejbur boldy. Armanly ýeňlişden soň Fýodor ýene karýerasyny soňlamagy mümkindi,ýöne «Bellator» bilen ýene iki söweş üçin şertnamasy bardy. Şol sebäpli karýerasyny dowam etdirdi. Şol ýylyň 29-njy aprelinde «Bellator» kemeri üçin turnir başlanýar. Fýodor çärýek finalda Frenk Mir’i ýeňýär, ýarym finalda Çeýl Sonneniň üstünden ynamly ýeňiş gazanýar. Emma,»Bellator» kemeri üçin geçen soňky söweşde Raýan Bendere ýeňilýär.

- **Näme üçin Ýemelýanenkony hemmeler gowy görýär?**

MMA söweşijilerinden parhly ýeri onuň kemterligi. Ol beýleki söweşijiler ýaly söweşden öň ýa-da soň garşydaşyna kemsidiji,göwne degiji sözler aýtmaýardy. Ýemelýanenko hemişe şadyýan we her hili ýagdaýda-da özüne erk edip bilýärdi. Onuň bu häsiýetlerini bütin dünýä halady. Şol sebäpli bolsa gerek, «Soňky imperator» nähili ýagdaýdalygyna seretmezden oňa hemişe hormat goýýarlar. Şu sebäpli bolsa gerek- Ýemelýanenkonyň

abraýy Habyp ýa-da Makgregordan kem däl. (Meniň üçin-ä ýokarsy-da şolaryňkydan)

Taýýarlan Saparmyrat DÖWLETOW. Sport we turizm